# Bize satirik gerek / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bize satirik gerek / satiriki hekaýa BIZE SATIRIK GEREK

Satirikleriñ täze döredilen jemgyýetiniñ nobatdaky etmeli işleri barada oýlanyp otyrdym. Birden telefon jyññyrdady. Trubkany göterip heniz gulagyma ýetirip-ýetirmänkäm, añyrdan kimdir biriniñ käýinýän sesi eşidildi:
– Alýo, alýo. Be, bi, başga ýerik düşäýdimmikä, içigara gпlmyş.
Men onuñ nirä jañ edýändigini soradym.
– Tankytçy berilýän ýermi şu ýeri?
– Aý, hawa, garaz şкýle diýäýsegem boljak, näme? Bizlik işiñiz bar bolsa çekinmäñ-de aýdyberiñ.
Ol adam özüniñ kimdigini, haýsy ýerden jañ edýändigini aýtdy. Işleriniñ iki aýagy bilen agsaýanlygyndan zeýrendi. Kemçilikleri mazaly ýepbekläp, kärhananyñ öñe gitmegine täsir edip biljek satirik sorady.
Mesele aýdyñ. Onuñ aýdanlaryny üns bilen diñledim-de:
– Bagyşlañ, öñ siziñ şu ýyla zaýawkañyz barmydy? – diýip, men ondan soradym.
Meniñ bu soragyma ol birhili geñ galdy. Näme diýjegini bilmän sakawlady, sesi sandyrap çykdy.
– B-biz, neme, o… wiý, sizden t-täze tehnika soraýas, bagyşlañ soramyzok. N-neme, indi satirik üçinem o zat gerekmi, zaýawka?!
Men onuñ al petinden aldym. Dogru-da wпlla, bilsin nirä jañ edip, kim bilen gürleşýänini.
– Näme, indi satirigi siziñ zawodyñyzyñ howlusynda ýyllarboýy oturdylman poslap ýatan demirçe-de ýokdur öýdýäñizmi? Siz bagyşlañ welin, beýdip biziñ işgärlerimizi kemsitmäñ. Eger satirik gerekligiñiz çynyñyz bolsa, derektiriñiziñ goly bilen möhürlije hat alyp geliñ. Onsoñam ähli zady telefon üsti bilen

çözjek bolmañ.
Ol bir zatlar diýjek boldy, men diñlemän trubkany goýdum.
Günorta arakesmesiniñ yz ýanlarydy. Eli ullakan sumkaly bir adam salam berip gapydan girdi. Men oña oturmak üçin ýer görkezdim. Ol häli özüniñ jañ edip gürleşendigini ýañzytdy, soñra sumkasyny dörjeläp başlady.
— Hat diýýäniñizi, ynha, biz-ä şuñ ýaly ýazaýandyrys, ýaşuly. Bolýamy şu, bir seredip görüñ — diýip, ol elindäki kagyzy maña tarap uzatdy.
Alyp okap gördüm. Hat ýazyşlaryna seredeñ-dä hiç neneñ däl ýaly, ýöne bu ýerdäki käbir zatlary anyklamaly.
— Onsoñ bi, näme, siz satirigi wagtlaýynça inžineriñ wezipesine aljak bolýañyzmy? Ol ony oñarmaz ahyryn.
Ol birhili ekezlendi. Ýagdaýy düşündirdi.
— Wah, ýaşuly jan, bizde taryhçyñ sklad müdiri, agronomyñam inžiner bolup işleýänleri kän. Hawa, bi, siziñ satirigiñiz hakynda gürrüñem ýok, kömek etse bolýa, işe göründi-görünmedi özümiz oñararys. Ýöne berkräjik tabşyraweri şonyña, işçilerñ käbir ýaltalaryny mazaly degnasyna deger ýaly edip tankytlasyn, ýogsam olar halys depämize çykdylar-how!
Be-e, belañ körügi, ynha, nirede eken. Başyña dönкýin, günä işçide däl-de, başgada ýaly-la. Hut şolary satiranyñ gamçysy bilen saýgylamaly.
— Bagyşlañ, biziñ felýetonçylarymyzy işe aljak bolup ýörmäñ, olara aýlyk hökman däl, göz hakyny şu ýerden alýalar. Ýöne ol size näçe wagtlyk gerek boljak? — diýip, men onuñ hatynyñ çep çüñkünde rezolýusiýa goýdum.
— Iki aýlyk möhlet bilen iberen satirigimiz bir aý geçip-geçmänkä dolanyp geläýdi. Men geñ galyp, onuñ ýüzüne seretdim.
— Gurtmy, tilki?
— Möjek diýsкñem boljak.
— Näme, kowdularmy?
— Kowdular başlyk.
— Näme üçin.
— Näme bor öýdýäñ, iş üçin.
— A-how, sen bizde iñ tejribeli satirikleriñ biri ahyryn, o nähili seni kowýalar, onda tilpun dagy etmeli ekeniñ-dä —

diýip, men gatyrgandym.
Satirigiñ göwni bir ýalydy, uýвlandan geçen, gaýtam, içiñi ýakaýyn diýen ýaly güldi.
– Başlyk, düşünişmedik öýdýän. Meni däl, zawodyñ direktoryny işden kowdular, boşatdylar. Akgañlar baran ýerinde iş bitirmän gaýdýan däldir. Hawwa, ýoldaş başlyk, şeýle – diýip, ol elindäki kagyzlaryny howada galgatdy.
Ýüregim ýerine gelen ýaly boldy, ýüküm ýeñledi.
– Ine, bize şeýle, iş başarýan satirikler gerek, berekella – diýip, men onuñ arkasyna kakdym.

Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar